Täze ýyl baýramy — ruhy täzelenişi, ýagşy niýetleri hem-de geljege bolan berk ynamy alamatlandyrýan aýratyn baýramdyr. Bu günler adamzadyň kalbynda täze umytlar oýanýar, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik, birek-birege hormat goýmak ýaly gymmatlyklar has-da belentden ýaňlanýar. Täze ýyl her bir öýe şatlyk, parahatçylyk we abadançylyk dilegleri bilen gelýär.

Dünýäniň ähli halklary bilen bir hatarda, ata Watanymyz Türkmenistan hem 2026-njy ýyly döredijilik ruhunda, uly ösüşlere bolan ynam bilen garşy alýar. Täze ýyl baýramy mynasybetli ýurdumyzyň ähli künjegi täsin owadanlyga beslenýär. Şäherleriň şaýollary, meýdançalar, seýilgähler baýramçylyk bezegleri, ýşyk saçýan arçalar we nurana binalar bilen aýratyn bir ruhy gurşaw döredýär. Mekdeplerde, çagalar baglarynda, edara-kärhanalarda hem-de medeni merkezlerde geçirilýän baýramçylyk çäreleri halkymyzyň biri-birine ýagşy arzuwlaryny ýetirmegine, täze başlangyçlara umyt bilen gadam basmagyna mümkinçilik berýär.

Täze 2026-njy ýyl türkmen halkyna parahatçylyk, ruhubelentlik, bagtyýarlyk we täze üstünlikler getirsin. Täze maksatlara tarap ynamly ädimlerimiz hemişe rowaç bolsun.

**Maýa  MÄTIÝEWA**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены